TÜRKMENISTANDA ÖNDÜRILDI

# Tizaçar 1.0

## Ulanyjynyň gollanmasy

**Nazar Mämmedow**

**10/7/2018**

## MAZMUNY

Mazmuny ........ 1

1. GIRIŞ ........ 2

Tizaçar programmasy barada ........ 2

Näme täzelik? ........ 2

2. GURNAMAK ........ 2

Programmany gurnamak ........ 2

Programmany aýyrmak ........ 3

3. ULANMAK ........ 3

Çykmak ........ 3

Funksiýalary görkezmek ........ 3

Funksiýalary işletmek – buýruk boýunça ........ 4

Funksiýalary düwme bilen işletmek ........ 5

Bar bolan funksiýany üýtgetmek ........ 5

Täze funksiýa goşmak ........ 7

Funksiýany aýyrmak ........ 7

Programmanyň içerki funksiýalary ........ 7

Programma açýan funksiýa goşmak ........ 7

Faýl açýan funksiýa goşmak ........ 8

Papka açýan funksiýa goşmak ........ 9

Web sahypa açýan funksiýa goşmak ........ 9

Teksti çalşyk buferine goýýan funksiýa goşmak ........ 9

GELJEGI BARADA ........ 10

GOŞUNDY ........ 11

# 1. GIRIŞ

## TIZAÇAR PROGRAMMASY BARADA

Tizaçar programmasy kompýuterde işleýän adamlaryň öz iň köp ýerine ýetirýän amallaryny tizleşdirmegi maksat edinýär. Bu programmany ulanyp aşakdaky işler üçin gysgaça kombinasiýalar belläp, işlemegi tizleşdirip bolýar.

- Papkalary açmak
- Programmalary açmak
- Web sahypalary açmak
- we beýleki umumy amallar

Tizaçar programmasy öz adyny edýän işinden alýar. Ol aşakdaky meselelere jogap hökmünde işlenip düzüldi.

- **Iş stoly ýarlykdan dolýar** - Adatça kompýuterde işlenilende iş stolunda birnäçe ýarlyklar döredilýär. Işleriň artmagy we çylşyrymlaşmagy bilen iş stolunyň üsti ýarlykdan dolýar. Netijede iş stoluny ulanmak kyn bolýar.
- **Windows Search tekliploriniň ulanyja görä işlemeýänligi** – programmalary tiz tapmak üçin Windows gözlegi hem birnäçe teklipleri berýär. Emma ol teklipler anyk bolman iň ýakyn programmany teklip edýär. Tizaçar programmasy her bir ulanyjynyň iň köp ulanýan programmalaryna anyk belgileri we kodlary bellemäge mümkinçilik berýär we basylýan düwmeleriň sanyny düýpli azaldýar.
- **Işlenilýän wagty papkalaryň we faýllaryň köp açylyp ekranyň dolmagy** – adatça kompýuterde işlenilende birnäçe papkalary we faýllary açmaly bolýar. Emma olaryň hemmesi bir bada gerek bolman, 5 minutdan ýa-da 15 minutdan açmaly bolýar. Dürli kategoriýalarda tertiplenen papkalar biri-biriniň içine ýerleşdirilende papkalary açmak üçin syçan bilen köp gezek basyp girmeli bolýar. Tizaçar umuman faýl/papka açmak işini aňsatlaşdyrýar we diňe edil häzir ulanyp oturan faýllaryňyzy açyp ulanmaga mümkinçilik berýär. Sebäbi ulanyjynyň indiki papkalary açmagy örän aňsat bolandygy sebäpli olary (kyn bolandygy üçin) açyk saklamak gerek däl bolýar.

## NÄME TÄZELIK?

Tizaçar programmasynyň häzirki wagtda ilkinji wersiýasy 1.0 ulanyşa berilýär.

- Tizaçar 1.0 wersiýasy

# 2. GURNAMAK

Tizaçar tiz işlemek üçin niýetlenilen bolany üçin köp bezegi bolmadyk ýönekeý programmadyr.

Programmany gurnamak üçin, kompýuterde gerek şertler:

- Windows XP ýa-da Windows 7, 8, 10 gurnalan kompýuter
- 4 MB ýer

## PROGRAMMANY GURNAMAK

Ony gurnamak üçin kompýuteriň islendik bir ýerine papkasy bilen ýerleşdirmek ýeterlik. Antiwirus programmalar Tizaçary wirus hasaplap kompýuteriňizden aýyrmagy mümkin. Antiwirusa Tizaçaryň wirus däldigini aýtmaly bolýarsyňyz.

Programmanyň kompýuteriňiz açylanda awtomatik işlemegini isleseňiz, aşakdaky papkanyň içine ýarlyk ýerleşdirmeli bolýarsyňyz. Ýarlykda Tizaçary goýan ýeriňizdäki “tizacar.exe” faýlyny görkezmeli.

C:\Users**{Siziň ulanyjy adyňyz}**\AppData\Roaming\Microsoft\Windows\Start Menu\Programs\Startup

### PROGRAMMANY AÝYRMAK

Programmany gurnalyşdan aýyrmak üçin, Ony kompýuteriňizde duran ýerinden pozmaly we oňa bellän ýarlyklaryňyzy aýyrmaly.

## 3. ULANMAK

Tizaçaryň ýerine ýetirýän işi örän ýönekeý. Şol sebäpden, ony ulanmak hem örän aňsat. Ony işledeniňizden soň, Windows-da ulgamynyň sag aşaky böleginde şu menýu görünýär. Gök “TA”(TizAçar) belligi programmanyň işleýändigini görkezýär.




### ÇYKMAK

Programmadan çykmak üçin “Çykyş” menýusyna basyň. Programma ýapylar we gök bellik ýiter.

### FUNKSIÝALARY GÖRKEZMEK

Programmada bellän funksiýalaryňyzy görmek üçin “Görkez” menýusyna basyň. Aşakdaky ýaly penjire görner. Bu penjiredäki her bir setir siziň bellän funksiýalaryňyzy görkezýär.




| BELGI | KOD | AMAL |
|---|---|---|
| 0 | f | Funksiýalar |
| 1 | x | Çyk |
| 2 | upd | Magl täzele |
| 3 | gol | Gollanma |
| 4 | lock | Hasaby gulpla |
| 217 | np | Notepad |
| 211 | ie | Internet Explorer |
| 200 | doc | Word |
| 201 | xls | Excel |
| 202 | ppt | PowerPoint |
| 306 | pf | ProgramFiles |
| 304 | pc | Şu PC |
| 301 | e | E:\ |

Ol funksiýalar programmanyň “tizachar.txt” (suratda görkezilýär) atly faýlyndan alynýar. Şol faýlyň içinde siziň hemme bellän funksiýalaryňyz saklanylýar. Funksiýalaryňyzy üýtgetmek üçin göni “tizacar.txt” faýlyny hem üýtgedip bilersiňiz. Emma programmanyň öz interfeýsini ulanmagy maslahat berýäris. Ýalňyşmazlygyň üçin gowy bolýar.

tizachar.txt

```
ID;code;key;keyword;note;function;program;param;color;group;password
1;0;;0;Gizle;HideWindow;;;0x8080FF;Main;
2;2;^{NUMPAD0};f;Funksiýalar;ShowFunctions;;;0x8080FF;Main;
6;1;^{NUMPADDOT};x;Çyk;ExitScript;;;0x8080FF;;
57;5;;lock;Hasaby gulpla;Run;rundll32.exe;user32.dll, LockWorkStation;0x8080FF;;
59;7;;restart;Täzeden işlet;SystemShutdown;;2;0x8080FF;;
35;4;;upd;Magl täzele;RefreshData;;;0x8080FF;;
8;217;;np;Notepad;Run;C:\Program Files (x86)\Notepad++\notepad++.exe;;0x80FF00;;
9;211;;ie;Internet Explorer;Run;C:\Program Files (x86)\Internet Explorer\iexplore.exe;;0xFFFFFF;;
10;216;;fz;Filezilla;Run;C:\Program Files (x86)\FileZilla FTP Client\filezilla.exe;;0xFFFFFF;;
11;200;;doc;Word;Run;C:\Program Files (x86)\Microsoft Office\Office14\winword.exe;;0xFFFFFF;;
12;201;;xls;Excel;Run;C:\Program Files (x86)\Microsoft Office\Office14\excel.exe;;0xFFFFFF;;
```

## FUNKSIÝALARY IŞLETMEK – BUÝRUK BOÝUNÇA

Funksiýalary işletmegiň esasy iki usuly bar.




Olaryň birinjisi BELGI sütünindäki ýa-da KOD sütünindäki ýazgyny aşakdaky buýruk setirine ýazyp ENTER düwmesine basmak. Mysal üçin ýokardaky penjireden BELGI=4 ýa-da KOD=lock diýen buýrugy işletjek bolsak, aşaky buýruk setirine ýa “4” ýa-da “lock” ýazyp ENTER düwmesine basmaly. Bu iki dürli mümkinçilik san ýat tutmagy ýa-da söz ýat tutmagy halaýanlar üçin göz öňünde tutuldy. Bu ýerde esasy maksat bu penjiredäki sanawa seredip ol ýerdäki funksiýany gözläp tapmak däldir. Tizaçar şu gysgajyk buýruklaryň ýat tutulmagyny göz öňünde tutýar. Her kim öz iň köp ulanýan funksiýalaryna ýat tutup biláýjek kodlaryny belleýär we olary gündelik durmuşynda ulanýar we wagtyň geçmegi bilen bu kodlara öwrenişýär. Funksiýalaryň penjiresi diňe ýada düşmese ulanmak üçin peýdaly. Umuman bu ulanjynyň öz islegine bagly.




## FUNKSIÝALARY DÜWME BILEN IŞLETMEK

Funksiýalary düwme bilen işletmek usulynda her bir funksiýa düwme kombinasiýalary bellenilýär. Aşakdaky mysalda görseňiz 2 belgili funksiýa "^{NUMPAD0}" düwmesi bellenilipdir. Bu Ctrl+0 (sagdaky san düwmelerini) düwmesine basylanda bu funksiýanyň işlejekdigini görkezýär. Ýagny bu düwmelere basylanda, funksiýalaryň penjiresi görkezilmän funksiýa işlediler. Şeýlelikde siz hemme buýruklara düwme belläp bilersiňiz. Emma düwmeler bellenilende olaryň kombinasiýalarynyň her programmanyň içinde ulanylýan kombinasiýalara deň gelmezligini göz öňünde tutmaly bolýar. Şeýle edilmese, ýerine ýetirilmeli işler bulaşyp biler.

**Bellik: Düwmeleriň kodlarynyň sanawy şu gollanmanyň soňunda görkezilýär.**

tizachar.txt

```
ID;code;key;keyword;note;function;program;param;color;group;password
1;0;;0;Gizle;HideWindow;;;0x8080FF;Main;
2;2;^{NUMPAD0};f;Funksiýalar;ShowFunctions;;;0x8080FF;Main;
6;1;^{NUMPADDOT};x;Çyk;ExitScript;;;0x8080FF;;
57;5;;lock;Hasaby gulpla;Run;rundll32.exe;user32.dll, LockWorkStation;0x8080FF;;
59;7;;restart;Täzeden işlet;SystemShutdown;;2;0x8080FF;;
35;4;;upd;Magl täzele;RefreshData;;;0x8080FF;;
8;217;;np;Notepad;Run;C:\Program Files (x86)\Notepad++\notepad++.exe;;0x80FF00;;
9;211;;ie;Internet Explorer;Run;C:\Program Files (x86)\Internet Explorer\iexplore.exe;;0xFFFFFF;;
10;216;;fz;Filezilla;Run;C:\Program Files (x86)\FileZilla FTP Client\filezilla.exe;;0xFFFFFF;;
11;200;;doc;Word;Run;C:\Program Files (x86)\Microsoft Office\Office14\winword.exe;;0xFFFFFF;;
12;201;;xls;Excel;Run;C:\Program Files (x86)\Microsoft Office\Office14\excel.exe;;0xFFFFFF;;
```

## BAR BOLAN FUNKSIÝANY ÜÝTGETMEK

Buýruklary redaktirlemek üçin ilki bilen olaryň üstüne basyp setirini saýlamaly. Ýagny syçanjygy funksiýanyň setiriniň üstüne goýup bellemeli.

Soňra aşakdaky "ÜÝTGET" düwmesine basmaly.




Şonda aşakdaky ýaly penjire açylar we saýlan funksiýaňyzyň maglumatlary görkeziler.




Olar aşakdaky ýaly işleýär.

**ID** – her bir funksiýanyň ýeke-täk özüne mahsus belgisi, bu belgiler biri-birine meňzemeli däldir. Hökman gerek.
**Belgi** – funksiýany işletmek üçin siziň bellän belgiňiz. Özüňize aňsat düşjek san belgisini belläň.  Hökman gerek.
**Düwme** - funksiýany işletmek üçin siziň bellän düwmäňiz (düwmeleriňiz). Hökmany däl.
**Kod** - funksiýany işletmek üçin siziň bellän koduňyz. Islendik san/belgi kombinasiýasy bolup biler. Hökman gerek.
**Bellik** – funksiýanyň näme iş edýändigini ýatlamak üçin özüňize bellik. Hökmany däl.
**Funksiýa** – Ýerine ýetirilýän işiň görnüşini görkezýär. Köplenç “Run” bahasy bolmaly. Hökmany gerek. Tizaçaryň içerki funksiýalary üçin başgaça baha bolup biler.
**Programma** – Windows ulgamynda işledip bolýan islendik .exe, .com, .bat giňeltmeli programma. Ony “Saýla” düwmesini ulanyp saýlap bilersiňiz ýa-da göni özüňiz el bilen hem ýazyp bilersiňiz. Eger funksiýa “Run” bolsa onda hökman bellenilmeli.
**Parametr** – “Programma” üçin bellenilen parametr. Muňa faýl ýa-da papka bellemek mümkin.
**Reňk** – Funksiýanyň düşek reňkini saýlamak üçin. Käbir funksiýalary biri-birinden tapawutlandyrmak üçin başga reňkleri bellemek mümkin. Hiç reňk bellenilmese ak reňk bolar.
**Topar** – bu geljekde ulanylmak üçin goýuldy. Boş goýup bilersiňiz.
**Açarsöz** – funksiýa işledilmezden öň soraljak açarsözi girizmek üçin ulanylýar. Bu boş bolsa açarsöz soralmaz. Bellenilen bolsa degişli funksiýa işledilmezden öň açarsöz soralar. Bu açarsöz şol funksiýa degişli gizlin maglumatlaryň hakyky goragy däldir. Bu diňe ýüzleý gorag hasaplanylýar. Hökmany gerek däl.

Indi aşakdaky buýrugyň mysalyna seredenimizde, ol “100” ýa-da “m1” basmak arkaly işledilýär. Onuň reňki “lazur” gök. Onuň ýerine ýetirýän funksiýasy “chrome.exe” brauzerini açmak we onda “gmail-e” girmek bolup durýar. Buýruga düwme bellenilmändir. Şonuň üçin ony diňe penjiräni açyp “100” ýa-da “m1” basyp işledip bolýar.



## TÄZE FUNKSIÝA GOŞMAK

Täze funksiýa goşmak üçin aşakdaky “TÄZE” düwmesine basmaly.




Degişli parametrleri girizip, “Ýatda sakla” düwmesine basmaly.

## FUNKSIÝANY AÝYRMAK

Aşakdaky penjirede “Poz” düwmesine basmaly. Tassyklasaňyz, degişli buýruk pozular.




## PROGRAMMANYŇ IÇERKI FUNKSIÝALARY

Programmanyň birnäçe içerki funksiýalary bardyr. Olar onuň dogry işlemegi üçin zerur bolup durýar.

**ShowFunctions** – Funksiýalar penjiresini açyp/ýapýar.

**ExitScript** -  programmadan dolulygyna çykýar.

**RefreshData –** Programmanyň maglumatlary täzelense, onuň penjirede täzelenmegini üpjün edýär.

**Paste** – bellenilen parametri çalşyk buferine (clipboard-a) goýýar we ony Ctrl+V bilen ýelmäp bolar ýaly edýär.

## PROGRAMMA AÇÝAN FUNKSIÝA GOŞMAK

Programma açýan funksiýa goşmak üçin

Funksiýa parametrini “Run” bellemeli.
Programma parametrine işletmek isleýän programmaňyzyň bellemeli.
Programmanyň haýsy parametr bilen işlemegini isleýän bolsaňyz şony ýazmaly.
Mysal üçin, buýruk redaktirleme penjiresinde aşakdaky ýaly maglumatlary girizmeli. ID, kod we beýleki talap edilýän maglumatlar hem goşulmalydyr.

Mysal1:
**Funksiýa** = Run
**Programma** = rundll32.exe
**Parametr** = user32.dll, LockWorkStation

Bu mysalda “rundll32.exe” faýly degişli parametrler bilen işledilýär we ekran gulplanýar. Derrew ýeriňizden turup gitmek isleýän bolsaňyz peýdaly funksiýa.

Mysal2:
**Funksiýa** = Run
**Programma** = C:\Program Files (x86)\Notepad++\notepad++.exe
**Parametr** =

Mysal2-de parametr ýok diňe “Notepad++” programmasy açylýar.

Mysal3:
**Funksiýa** = Run
**Programma** = E:\keyboards\keyboardmode_en.bat
**Parametr** =

Bu mysalda siziň öňden ýazyp goýan Batch faýlyňyz işledilýär. Eger bat faýlyňyzyň içinde parametrlere garaşylýan bolsa parametrleri hem girizip bilersiňiz.

## FAÝL AÇÝAN FUNKSIÝA GOŞMAK

Köp işleýän faýllaryňyzy açýan funksiýa goşup bilersiňiz. Munuň birnäçe usuly bolup biler.

Birinji usulda programma üçin “explorer.exe” ýazýarys. Parametr üçin hem faýlyň doly ýerini ýazýarys.

Mysal1:
**Funksiýa** = Run
**Programma** = explorer.exe
**Parametr** = E:\languages\Kitap.pdf

Ýokardaky mysalda explorer.exe programmasy Kitap.pdf faýlyny ulgamyň öz içinde haýsy PDF okaýjy gurnalan bolsa şoň bilen açmaga çalşar. Mysal üçin (Adobe Acrobat ýa-da Foxit PDF bar bolsa, haýsysy bellenilen bolsa şoň bilen açar).

Mysal2:
**Funksiýa** = Run
**Programma** = C:\Program Files (x86)\Winamp\winamp.exe
**Parametr** = G:\music\ estrada.m3u

Bu mysalda Winamp programmasy “estrada.m3u” aýdym-saz sanawyny açyp aýtdyrmaga başlar.

Mysal3:
**Funksiýa** = Run
**Programma** = C:\Program Files (x86)\Microsoft Office\Office14\excel.exe
**Parametr** = E:\hasaplar\algydarlar.xls

Bu mysalda Excel programmasy “algydarlar.xls” faýlyny açar.

## PAPKA AÇÝAN FUNKSIÝA GOŞMAK

Papka açýan funksiýa goşmak üçin aşakdaky ýaly parametrler girizilmeli.

Mysal1:
**Funksiýa** = Run
**Programma** = explorer.exe
**Parametr** = E:\kitaplar\engineering\software\

Bu mysalda“E:\kitaplar\engineering\software\” papkasy açylýar.

Mysal2:
**Funksiýa** = Run
**Programma** = explorer.exe
**Parametr** = C:\

Bu mysalda“C:\” papkasy açylýar.

## WEB SAHYPA AÇÝAN FUNKSIÝA GOŞMAK

Belli bir websahypany açýan funksiýa goşmak üçin aşakdaky ýaly parametrler girizilmeli.

Mysal1:
**Funksiýa** = Run
**Programma** = C:\Program Files (x86)\Google\Chrome\Application\chrome.exe
**Parametr** = https://www.gmail.com/

Bu mysalda Chrome brauzeri bilen “Gmail” sahypasy açylýar. Başga brauzer bilen başga sahypalary hem belläp bilersiňiz.

## TEKSTI ÇALŞYK BUFERINE GOÝÝAN FUNKSIÝA GOŞMAK

“Paste” funksiýasy bilen bellenilen teksti çalşyk buferine (klipborda) goýup bilersiňiz.

Bu funksiýanyň esasy maksady köp ulanylýan standard tekstleri her gezek täzeden ýazman, bir gezek ýazyp bellemek we täzeden ulanmakdyr. Mysal üçin, köp e-poçta bilen habarlaşýan adamlarda bu funksiýa gerek bolýar, sebäbi köp standart jogaplary bermeli ýeri köp bolýar.

Mysal1:
**Funksiýa** = Paste
**Programma** =
**Parametr** = Salam<br><br>Hatyňyzy aldym.<br><br>Sagboluň,<br>Aman

Programmany boş goýýarys. Bu mysalda “Salam sagbol” diýlen tekst kompýuteriň ýadyna goýulýar we siz soňra ony islän programmaňyzyň içine Ctrl+V basmak arkaly ýelmäp bilýärsiňiz. “<br>” täze setiri aňladýar. Ol ýelmenýän tekstiň içinden aýrylýar.

Ýokardaky funksiýanyň netijesi ýelmän ýerimizde aşakdaky ýaly çykýar:

*Salam*

*Hatyňyzy aldym.*

*Sagboluň,*
*Aman*

## GELJEGI BARADA

Programma geljekde goşulmaly funksiýalar we girizilmeli düzedişler kän. Şonuň üçin, ulanyjylardan geljek tekliplere we tankytlara hem garaşýarys. Habarlaşmak üçin **info@mekany.com**

# GOŞUNDY

## DÜWMELERIŇ KODLARY

ALT düwmesi “!” bilen belgilenýär.

Meselem Alt+a düwmesine funksiýa bellejek bolsaňyz, Düwme parametrine “!a” (goşa dyrnaksyz) ýazmaly.

CTRL düwmesi “^” bilen belgilenilýär.

Meselem Ctrl+a düwmesine funksiýa bellejek bolsaňyz, Düwme parametrine “^a” ýazmaly.

SHIFT düwmesi “^” bilen belgilenilýär.

Meselem Shift+F1 düwmesine funksiýa bellejek bolsaňyz, Düwme parametrine “+{F1}” ýazmaly.

Ctrl+Shift+F1 üçin bolsa, “^+{F1}” ýazmaly.

| Düwmäniň kody | Düwme |
|---|---|
| {!} | ! |
| {#} | # |
| {+} | + |
| {^} | ^ |
| {{} | { |
| {}} | } |
| {SPACE} | SPACE boşluk düwmesi |
| {ENTER} | Esasy klawiaturadaky ENTER düwmesi |
| {ALT} | ALT |
| {BACKSPACE} or {BS} | BACKSPACE |
| {DELETE} or {DEL} | DELETE |
| {UP} | Ýokaryk ok düwmesi |
| {DOWN} | Aşak ok düwmesi |
| {LEFT} | Çepe ok düwmesi |
| {RIGHT} | Saga ok düwmesi |
| {HOME} | HOME düwmesi |
| {END} | END düwmesi |
| {ESCAPE} or {ESC} | ESCAPE düwmesi |
| {INSERT} or {INS} | INS düwmesi |
| {PGUP} | PageUp düwmesi |
| {PGDN} | PageDown düwmesi |
| {F1} - {F12} | Funksiýa düwmeleri |
| {TAB} | TAB düwmesi |
| {PRINTSCREEN} | Print Screen düwmesi |
| {LWIN} | Çep Windows düwmesi |
| {RWIN} | Sag Windows düwmesi |
| {NUMLOCK on} | NUMLOCK (on/off/toggle) düwmesi |
| {CAPSLOCK off} | CAPSLOCK (on/off/toggle) düwmesi |
| {SCROLLLOCK toggle} | SCROLLLOCK (on/off/toggle) düwmesi |
| {BREAK} | Ctrl+Break üçin |
| {PAUSE} | PAUSE düwmesi |
| {NUMPAD0} - {NUMPAD9} | San klawiaturasyndaky san düwmeleri |
| {NUMPADMULT} | San klawiaturasyndaky * (köpeltmek) düwmesi |

| | |
|---|---|
| {NUMPADADD} | San klawiaturasyndaky + (goşmak) düwmesi |
| {NUMPADSUB} | San klawiaturasyndaky – (aýyrmak) düwmesi |
| {NUMPADDIV} | San klawiaturasyndaky / (bölmek) düwmesi |
| {NUMPADDOT} | San klawiaturasyndaky . (nokat) düwmesi |
| {NUMPADENTER} | San klawiaturasyndaky Enter düwmesi |
| {APPSKEY} | Windows App düwmesi |
| {LALT} | Çep ALT düwmesi |
| {RALT} | Sag ALT düwmesi |
| {LCTRL} | Çep CTRL düwmesi |
| {RCTRL} | Sag CTRL düwmesi |
| {LSHIFT} | Çep Shift düwmesi |
| {RSHIFT} | Sag Shift düwmesi |
| {SLEEP} | Kompýuteriň SLEEP düwmesi |